OZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYN YoKARY WE YORITE ORTA BILIM MINISTRLIGI

BERDAK ADYNDAKY GARAGALPAK DOWLET UNIWERSITETI

GARAGALPAK FILOLOGIYaSY FAKUL`TETI

TURKI FILOLOGIYaSY KAFEDRASY

5220100 – filologiya we dilleri okatmak (turkmen filologiyasy) bakalawr ýönelişiniň 4-kurs talyby Illiew Bayramgeldiniň «**Edebi zanrlar we olaryn görnüşleri**» mowzugyndaky

**KURS IŞI**

**NOKUS- 2014**

# Mowzuk: Edebi zanrlar we olaryñ görnüşleri.

**Meyilnama:**

**Giriş.**

**I-bap: Epos kysymy.**
a) nakyl we matallar
b) şorta sözler
c) rowayat-legenda,erteki we basniya
d) nowella we hekaya
e) ocerk we powest
w) roman we epopeya

**II-bap: Lirika kysymy.**
a) laleler
b) monjugatdylar
c) huwdiler
d) aydymlar
e) oda
w)elegiya

**III-bap: Drama kysymy.**
a) tragediya
b) komediya
c) drama
**IV-bap: Liro-epiki kysym.**
a) ballada
b) poema
c) dessan
**Netije.**

**Kurs işiñ slaydy.**

**Peydalanylan edebiyatlar.**

## Giriş.

Her bir adamyň hasiýeti, ideýasy, onuň işi, hereketi, gepleşigi, öz pikrini,duýgusyny özüniň beýan etmegi, ol hakda başgalaryň gürrüň bermegi arkaly belli bolyar. Onuň bilen baglanyşykly bolan durmuşyň beýleki taraplary-da bizin gormegimiz ya-da ol hakda başga birinin gürrüň bermegi arkaly aýdyňlaşýar.Çeper edebiyatda-da adam hasiýeti, ideýasy we durmuşyň beýleki taraplaryýokarda bellänlerimiz ýaly hakykatdaky bolşy ýaly dürli formalarda şöhlelendirilip görkezyär. Bir eserde, mysal üçin, Magtymgulynyň " Bagtym garadyr" diýen goşgusynda gahrymanyň durmuşy, hasiýeti, ideýasy,gahrymanyň durmuşyny özüniň beýan etmegi bilen aýdyňlaşsa, başga bir eserde, mysal üçin, Ata Gowşudowuň "Iň soňky arcyn" powestinde gahrymanyň hasiýeti, ideýasy, durmuşy ol hakda awtoryň gürrüň bermegi, suratlandyrylyp görkezilyän işi, hereketi, kä yerde beyan edilyan duygulary, soz arkaly malim bolyar. Yone bir eserde, mysal ucin, Berdi Kerbebayewiň "Aýgytly ädim"romanynda bolsa gahrymanlaryň durmuşy, hasiýeti, ideýasy olaryň hereketleriniň we gepleşikleriniň üsti bilen belli bnolýar. Çeper edebiýatda adam hasiýetini, durmuşyny, ideýasyny suratlandyrmagyň, ine sular ýaly dürli hili formalaryny alamatlandyrýan zat žanrdyr.Edebiýatyň ösüş protsesinde emele gelen žanrlaryň iň esasylary lirika, epos,drama we liriki-epiki žanrlardyr. Olaryň he her birinin ayry - ayry gömüşleri(mysal üçin, epos žanrynyň hekaýa, powest, roman we ş. m.) bardyr.

"Janr" frantsuz sözi bolup, ol türkmen diliňde hil, gömüş diýen manyny aňladýar. Şeýle bolsa, onda janr diýmek, durmuşy çeper suratlandyrmagyň hiltaydan tapawutlanýan formalarynyň özboluşly bir gömüşi diýmekdir. Kabir halatda ýokarda agzalan žanrlaryň öz içindäki gömüşlerine-de janr diyilyar.

Mysal üçin, hekaýa žanry, roman žanry we ş. m. Beyle diyilmegi bir tarapdan nadogry hem daldir. Sebabi epos

žanrynyň aýry-aýry gömüşleri bolan hekaýadaky we romandaky durmuşy suratlandyrmagyň formalarynda tapawutlar bar. Şeýle-de bolsa, žanrlaryň gömüşllerine janr diyilmegi bulaşyklyk döredýär.Şonuň üçin hem biz durmuşy çeper suratlandyrmalar diyip, olary oz icindaki gömüşlerini bolsa görnüş (epos žanrynyň gömüşleri, liriki žanrynyň gömüşleri we ş. m.) diýip atlandyrjakdyrys.Edebi žanr we olaryň aýry-ayry gömüşleri edebiýatyň ösüşiniň belli-belli dowurlerinde emele gelipdirler. Öňki türkmen edebiýatynda esasan lirika hem-de liriki-epiki žanrlar bolupdyr. Halk döredij iliginde epik žanryň hem anekdot,rowaýat, epiki ýaly gömüşleri bolupdyr. Emma ol döwürde epiki žanryň oçerk,hekaýa, nowella, powest, roman yaly realistik hasiyetli gömüşleri, drama žanry bolmandyr. Olar soňky döwürdäki türkmen edebiýatynda peýda boldy we esasy orun tutýan žanrlara we gömüşlere öwrüldiler.

# I-bap: Epos kysymy.

Epos termini edebiýat ylmynda iki hili many aňladýar. Birinjiden, epos diylende,halkyň durmuşynyň belli bir döwründe uly taryhy ähmiyete eýe bolan wakany giň masştabda beýan edyan halk doredij iliginin eserleri goz onunde tutulyar. Mysal üçin, türkmenleriň " Görogly" eposy, ermenieriň "Dawud Sasunly" eposy,gyrgyzlaryň "Manas" eposy we ş. m. Ikinjiden, gahrymänlaryň hasiýetini,ideýasyny, durmuş wakalary, hadysalary bilen baglylykda yzygider beyan edip,suratlandyryp görkezmek bilen aýdyňlaşýan eserlere epos ýa-da epiki eserler diyilyar. Epos termini bu ýerde durmuşy çeper suratlandyrmagyň özboluşly bir formasynyň hilini aňladýar. Edebiyat teoriyasynda-da epos temrininin ine şu ikinji manysyndakysy ulanylyar.

Durmuşy çeper suratlandyrmagyň epiki formasynyň epos žanrynyň beýleki zanrlardan tapawutlanyan nahili ayratynlygy bar?Beýleki žanrlara garanda epiki žanryň gerimi giň bolup, onda adam hasiýetini, durmuşy şöhlelendirmegiň hemme serişdeleri ulanylýar. Ýazyjy epiki eserlerde diňe bir lirikadaky ýaly daşky töweregiň bilen gahrymanda döreyän icki duygyny beyan etmek bilen ya-da dramadaky ýaly gahrymanlaryň ayryayry halatdaky hereketini, gepleşigini bermek bilen caklenmeyar.

Epiki eserlerde belli döwür içindäki hereketlerini, göreşlerini, durmuşyndaky,aňyndaky, häsiyetindäki özgerişleri yzygider suratlandyrylýar, gahrymanlaryň nahili yagdayda ýaşaýandyklary, hereket edýändikleri barada yzygider maglumat berilyär. Ýazyjy epiki eseriňde suratlandyryan zatlaryna bolan garayşyny-da, öňe süryän ideýasy-da liriki eserlyerdaki yaly hemme halatlarda gonuden-göui özüniň ( liriki gahrymanynyň) adyndan beýan edilip durmaýar. Ol ony koplenc polozitel gahrymanlarynyň hereketleriniň,göreşleriniň, gepleşikleriniň, jemläp aydanda, olaryuň obrazlarynyň üsti bilen aňladýar.

**NAKYL.** Nakyllar iň kiçi göwrümli epiki eserlerdir. Ýöne welin gowrumi kici bolsa-da, ideýasy biçak çuň hem-de giňdir. Nakyllarda adamlaryň uzak döwürler içindäki ýaşayyş praktikasynda dogrulugy enceme gezek kemsiz tassyklanan gutamykly pikirler az söz bilen iňňän çeper söz formada beýan edilyär. Mysal üçin "işlemedik dişlemez", "Yatan okuze im ýok", " Baş bolmasa,göwre läş" ýaly nakyllardaky pikiri şol nakyllardakydan az soz bilen beyan etmek mumkin dal. Nakyllar proza görnüşünde-de, goşgy gömüşünde-de döredilipdir. Ýokarda mysal getirilen nakyllar proza gömüşünde bolsa, aşakdaky nakyllar goşgy formasyndadyr:

Dokluk name diydirmez,
Aclyk name iydirmez.
iki bolup bire degmez,
Gozli bolup kore degmez
Ýagşy aýal, ýagşy at
Gülmezden öň güldürer.
Yaman ayal, yaman at
Ölmezden öň öldürler.

Nakyllaryň hasiýetli çeperçilik aýratynlygy olarda parallelizmiň kop ulanylyanlygydyr:
"Ogly eklan tanar, aty - saklan", "Tikensiz gul bolmaz,zahersiz - bal" we ş. m.
Nakyllaryň tematikasy gaty giňdir. Olarda durmuşyň ähli meselesine degişli pikirni, garayyşlar şöhlelenyär.
Nakyllaryň çuň pikiri az sozde beyan etmekde yazyjy-şahyrlar ucin-de ajayyp nusgadyr. Söz ussatlary nakyllardan diňe bir nusga almak bilen caklenman, olary oz doredijiliginde-de giňden pey dalany arlar.

**MATAL.** Matallar hem epiki kysymyň iň kiçi gömüşlerinden biri bolup,gowrumi hem-de formasy tayyndan nakyllara calym edýär. Matallarda gürrüňi edilýän zadyň ady agzalmaýar-da şol zadyň reňkiniň, formasynyň, ulykiçiliginiň,agramynyň we ş. m. taraplarynyň nähilidigi, onuň nämä meňzeyändigi aýdylýar:

*Daşy gan dek, içi un dek, oturanda Allaguly han dek (Igde).*
*Yeri ak, tohumy gara, el bilen ekerler, dil bilen orarlar (Hat)*
we ş. m.
Nakyllar ýaly matallar hem özboluşly kämilleşen husga hokmunde yazywly edebiýata düypli täsir edýär. Hut şonuň hetijesinde-de yazuwly Edebiyatda metal hasiyetli eserler uzak döwürlerden bari peýda bolup gelyär. Muňa mysal hokmunde Magtymgulynyň "Kaydadygy bilinmez", "Üçi öwlatdan", Misgingylyjyň "Durandyr" ýaly matal hasiýetli goşgularyny görkezmek bolar. Onuň ýaly goşgulara edebiýaty öwreniş ylmynda **lugaz** diyilyar.
Lugazda matallardaky ýaly hemişe durmuşdaky ýa-da tebigatdaky anyk bir zat hakda dal-de, rowayatlarda, miflerde, kabir belli-belli eserlerde beyan edilyan wakalar, hadysalar, oňa gatnaşýan gahrymanlar hem tapmaca hasiýetinde beyan edilyar. Şonuň üçin lugaz matallara garanda çylşyrymlydyr.
Halk doredij iliginin hem-de geçmiş edebiýatyň bu hili matal hasiyetli eser doretmek dabi hazirki turkmen edebiyatynda-da dowam etdirilyar. B.Kerbabayewiň "Kim bilmeşek", N.Pommanyň "Tapmaçalar" atly eserler topary munuň aýdyň mysalydyr.Şahyrlaryň matallarda nusga alyp döreden tapmaca goşgularynyň mazmuny epiki hasiýetlidir. Şonuň üçin ýazuwly Edebiýatdaky tapmaçalar goşgy formasynda yazylan bolsalar-da, olar esasan epiki kysyma degişlidir.

**ANEKDOT-ŞORTA SÖZ.** Gülkünç häsyyetli adamyň aýry-ayry halatlardaky işi, ýagdaýy, bolşy bilen baglylykda ýüze cykyan gulkili wakany gysga beyan edyan epiki esere **anekdot** ya-da **şorta söz** diyilyar.

Muňa mysal hökmünde halk arasynda giňden meşhur bolan Ependiniň Myraly bilen Soltansöyüniň, Keminäniň ady bilen baglanyşykly bolan şorta sözleri gorkezmek bolar. Ol anekdotlar asyrlar boyy dilden-dile gecip, bizin dowrumize gelip yetipdir. Anekdotlar diňe öňki asyrlarda däl, häzirki döwürde-de doreyar. Ata Salyhyň, Pyhy Taganyň adyna aydylýan anekdotlar munuň aýdyň mysalydyr.

**ROWAYAT-LEGENDA.** Rowayat-legendalar hem epos kysymynyň anekdotlara ýakyn görnüşidir. Emma esasynda taryhy wakalaryň ýatýandygy,onuň hemme halatlarda anekdotlardaky yaly gulkuli bolmayandygy, galybersede koplenc möçberiniň ulurak bolýandygy bilen rowayatlar anekdotlardan tapawutlanyarlar.

Rowaýatlaryň köpüsi aýry-aýry yerlere, (şäherlere, obalara, deryalara)dakylan atlar bilen, taryhy ya legendar adamlar hem wakalar bilen baglanyşyklydyr. Mysal üçin, Nöküs, Dörtgül, Hojaili, Daşhowuz we ş. m."ençeme atlaryň gelip çykyşy barada rowayatlar bar.

Rowaýatlaryň köpüsinde taryhy şahslaryň durmuşynda bolan mohum wakalar hakda gürrüň berilyär. Keymir kör, Magtymguly, Seydi hakyndaky rowaýatlar muňa mysal bolup biler.

**ERTEKI.** Ertekiler epiki kysymyň iň gadymy gömüşlerinin biridir. Ertekiler ozlerinin hasiyetine gora uc topara bolunyarler: durmuşy ertekiler, haywanlar hakyndaky ertekiler, fantastiki (hyyaly) ertekiler.

Durmuşy ertekilerde halkyň durmuşynda bolýan wakalar, hadysalar we onuň içinde hereket edýän gahrymanlaryň hasiyetleri, ideyalary kate realistic hasiyetde, kate toslanyp has ulaldylan görnüşde beýan edilyär.

Haywanlar hakdaky ertekiler ozlerinin allegoriki hasiyeti bilen durmuşy ertekilerden tapam?tlanyarlar. Olarda esasy gahrymanlar haywanlardyr. Emma haywanlar hakdaky ertekilariň hemmesinde diýen ýaly göz önünde tutulýan esasy zat haywanlaryň üsti bilen adam häsiýetlerini açyp gorkezmeklikdir.
Fantastiki ertekilerde hakykatyň suratlandyrylyşy ertekileriň yokarda group gecilen tiplerinden tapawutlanyar. Fantastiki ertekilerde hakykatda bolmadyk zatlar hem suratlandyrylyar. Şonuň üçin olara fantastiki ertekiler diýilýär.
**BASNYA.** Basnýa epiki kysymyň haywanlar hakdaky ertekilerine yakyn bolan bir görnüşidir. Ýöne basnýada diňe haywanlar dal-de, başga jansyz zatlar barada gürrüň edilip, şonuň üsti bilen hem adam hasiýetinin beýan edilýän wagtlary bolýar. Basnýalar köplenç şygyr formasynda, kä halatlarda proza görnüşinde-de yazylyar. Basnyalar nahili formada yazylsa-da anekdotlar yaly gysga bolyarlar.
Basnyalarda haysy-da bolsa iki-üç töweregindäki haywanyň ýada başga zadyň belli bir wagtdaky bolşy beýan edilip, ahyrynda şonuň üsti bilen adam durmuşyna degişli giňden umulylaşdyrylan ideýa öňe sürülyär. N. Annagylyjyň "Azgynyň ýazgydy"basnýasynda möjek bilen tilkinin gatyrlara, towşanlara gün bermeyişleri, ahyrynda olaryň geçi awlamak üçin agyla girende duylup helak boluşlary beýan edilyär. Şahyr bu syužetden şeýle ideýa çykarýar:

ile jebir etse, azsa kim-de kim,
Oňa durmuş çykar şu hili höküm.

**NOWELLA WE HEKAYA.** Nowella özüniň hasiýetine we kompozitsion gurluşyna görä anekdot-şorta sözlere ýakyndyr. Olaryň ikisinde-de syuzet garaşylmadyk ýagdaýda birden cozulyar. Emma nowella anekdotlara garanda gowrum tayyndan uly bolýar. Beyle bolmagynyň sebäbi-de nowellada gahrymanyň hasiýeti we onuň ýüze çykmagyna sebäp bolýan waka

anekdotdakydan giň suratlandyrylýar. Bu meselede nowella hekaya yakyndyr.
N. Saryhanowyň "Arzuw" atly nowellasynda kolhozda yhlasly işläp,maşgalasyny gurplandyran Aman aga we Jemal eje goşunda gulluk edip yören ogly Mammedi oylendirmegi yureklerine duwyarler. Jemal eje ogluny kone milli dap boyunca oylendirmekci. Ata-ene bu meselede ogluna geňeşmek üçin onuň gulluk edýän ýerine gelyärler. Görseler, mesele başgaça cozulipdir
-olaryň ogly rus gyzyna öylenipdir.
Nowellalarda esasy gahrymanlaryň maksady başa barayjak ýaly bolup gorunyarv. emma ahyrynda birden garaşylmadyk waka peyda bolup, gahrymanlaryň etjek bolýan işi başgaça çözülyär. Epiki kysymyň kiçi formasynyň bir görnüşi bolan hekayada koplenc bir yada iki waka suratlandyrylyp, bir ya-da iki-uc towereginde bolan gahrymanlaryň hasiyetinin kabir taraplary açylyp görkezilyär. Hekaýadaky sýužetiň esasynda yatyan konflikt nowelladaky yaly kulminatsiya yakynlaşyberende, birden ýitileşmän, ösmän, baglanyşdan başlap, kem-kemden ýaybaňlanýar.
Nowella we hekaýa durmuşyň kabir möhüm wakalaryny suratlandyrmak ucin oňayly formadyr. Bular syuzeti, kompozitsiyasy tayyndan poweste, romana garanda has Ýönekeydir. Şeýle-de bolsa, nowellanyň, hekaýanyň hem ylşyrymly tarapy bardyr. Olarda az sanly gahrymanyň az sanly wakanyň içinde edyan hereketini suratlandyrmak bilen durmuşyň tipik hadysasynyň mazmuny,tipik hasiýetler açylyp gorkezilyar. Kici formada ony acyp gorkezmek, bir tarapdan, çylşyrymly bolsa, ikinji tarapdan, ol ýazyjynyň ussatlygynyň kämilleşmegine täsir edýär. Bu barada A. M. Gorkiy şeýle diyyar:
"Hekaya sözleri tygşytlamagy, materially logiki yerleşdirmegi, sýužeti aýdyňlaşdyrmagy we temany anyklaşdyrmagy owredyar...".

**OCERK.** Oçerk hem epiki kysymyň hekaýa ýakyn gömüşlerinden biridir.
Emma oçerk özüniň köp taraplary bilen çeper eseriň beýleki gömüşlerinden tapawutlanýar. Çeper eseriň hekaýa, poman, drama we ş. m. gömüşlerinde birnäçe wakanyň, birnäçe adam hasiyetlerinin biri-birine yakyn bolan esasy taraplary jemlenip, tip iki e şdiril ip gahrymanyň obrazynda şöhlelendirilyän bolsa,oçerkde beyle däl. Onda durmuşda, konkret bir yerde bolan waka, hadysa we adamlaryň işi, göreşi, hasiyeti beyan edilyar. Ocerkde kabir detallar bolaymasa, gahrymanlar we olaryň durmuşy, işi ýazyjynyň fantaziýasy arkaly giňden tipikleşdirilmeyär-de, esasn durmuşdaky konkret bolşy ýaly beýan edilyär.
Şunun ýaly hasiýete eýe bolan oçerk, M. Gorkiniň belleyşi ýaly, ylmy-barlag işi bilen çeper edebiýatyň aralygynda duran eserdir. Kabir oçerkleriň mazmunyda,formasy-da ylmy-barlag işine has yakyn bolyar.
Mysal üçin, B.Kerbabayewiň "Mollamurt" atly oçerkinde Mollamurtuň hasiýeti barada-da gürrüň bermek bilen, onuň doredijiligine-de ylmy esasda baha berilyar. ine,sular yaly ylmy hasiyeti guycli bolan ocerklere ***ylmy ocerk*** diyilyar.
Ylmy oçerkde gahrymanyň işi, göreşi, hereketi, durmuş wakalary ceper eserlyerdaki yaly konkret-duyarlykly formada kan suratlandyrylmayar-da, ol hakdaky umumylaşdyrylan pikir abstragirlenen formada beyan edilyar.
Oçerkleriň başga bir hilisinde durmuş çeper eserlýerdäki ýaly esasan oz konkret-duyarlykly formasynda beyan edilyar. Beyle ocerklere ***ceper ocerk*** diyilyar.
Ylmy oçerklere garanda çeper oçerklerde gahrymanlaryň obrazlary has gowy aýdyňlaşýar.

**POWEST.** Powest epiki kysymyň hekaýa bilen romanyň aralygynda duran gömüşidir.Powestde hekaya garanda suratlandyrylýan wakalar we şonuň bilen baglylykda gahrymanlaryň hasiýetinin açylýan taraplary köp bolýar, romandaka garanda bolsa azrak bolyar. Şonuň üçin powestiň mocberi-de koplenc hekayadan uly, romandan kici bolyar. Powestlerde esasy gahrymanlar koplenc bir, iki ya-da uc sany bolyar.
Mysal ucin, N.Saryhanowyň "Şükür bagşy" powestinde bir esasy gahryman – Şükür bagşy, A. Durdyyewiň "Bagtly ýigit" powestinde bir esasy gahryman -Annaguly, H. Ysmayylowyň "Bäsdeşler" powestinde iki sany esasy gahryman -Muhat we Garýagdy, B. Seytäkowyň "Döwürdeşler" powestinde üç sany esasy gahryman - Ýagşymyrat, Nury we Saçly bolup, olar boydan-başa hereket edýär.
Dogry, ol eserlerde ady tutulanlardan başga-da gahrymanlar bar. Emma ol gahrymanlar köplenç kabir epizodlarda duş gelyär. Ýazyjy powestde köp bolmadyk baş gahrymanlaryň yzyna düşyär, ünsüni şolaryň işini, hereketini suratlandyrmaga, şolaryň hasiýetini giňden açyp görkezmäge gönükdirilyär. Şonuň üçin powestiň sýužeti-de koplenc duyp gahrymanlaryň ömrüniň belli bir döwründe başyndan geçiren wakalary esasynda gurulyar. Gahrymanyň uzak döwürlerde başyndan geçiren wakalaryny suratlandyrýan powestler hem bolýar. Beki Seytäkowyň "Şahyr" powesti şeýledir. Onda Türkmenistanyň tanymal halk şahyry Durdy Gylyjyň ömürboyy diýen ýaly başyndan geçiren wakalary hronologiki hasiyetde beyan edilyar.

**ROMAN WE EPOPEYA.** Epiki kysymyň uly formasy bolan romanyň powestden tapawutlanyan tarapy onda esasy gahrymanlaryň we sutarlandyrylýan wakalaryň köp bolmaklygydyr. Başgaça aydanda, poweste garanda romanda durmuşyň töwerekleyin alnan giň uçastogy suratlandyrylýar.

Romanda ençeme gahrymanlaryň durmuşy, ideyasy, aragatnaşygy, obrazy giňden suratlandyrylýar. Romanda esasy gahrymanlaryň şu hili köp bolmagy olardaky sýužetiň, kompozitsiýanyň hem powestdäkä garanda has çylşyrymly bolmagyna sebäp bolýar.Epopeýa hem epiki kysymyň romana ýakyn görnüşidir. Ol halkyň durmuşynda bolan has möhüm taryhy ähmiyetli wakany giňden suratlandyryan iň uly epiki formadyr.

Muňa mysal hökmünde L. Tolstoyyň "Uruş we parahatcylyk", M. Şolohowyň "Yuwaş Don", Muhtar Auezowyň "Abay", B.Kerbabayewin "Aygytly adim" eserlerini gorkezmek bolar. Bu eserlere roman hem diyilyar. Ýöne şeýle-de bolsa, romanlaryň hemmesine epopeya diymek bolmaz.

Mysal üçin, A. Gowşudowyň "Köpetdagyň eteginde", "Mähri-Wepa"romanlaryny alyp görsek, olardaky obrazy giňden aýdyňlaşdyrýan gahrymanlaryň sany-da, suratlandyrylyan durmuş uçastogynyň masştabyda yokarda agzalan epopeýalaryňkyça ýok.

Roman we epopeýa halkyň durmuşyny, ondaky möhüm hadysalary giň masştabda suratlandyrmaga, halkyň aňynda, psihikasynda bolan düypli özgerişleri çuň görkezmäge doly mumkincilik beryän formadyr.Käwagtlarda romanlaryň durmuşy, taryhy, filosofiki roman diýlip toparlara bolunyan wagtlary-da bolýar. Beyle bolanda romanlaryň mazmunyna seredilyar.

Mysal üçin, romanda taryhy maglumatlar köp bolsa, oňa taryhy roman diyilyar.

Romanlaryň bu hili toparlara bölünişi otnositel derejededir.

## II-bap: Lirika kysymy.

Liriki eserlerde epiki eserlýerdäki ýaly gahrymanlaryň belli bir dowur icindaki gapma-garşylykly hereketleri, bitewilikde alnan durmuş wakalary yzygider suratlandyrylmayar. Şonuň üçin hem M. Gorkiy: " Faktlary Yonekey we aýdyň beyan etmek gerek bolan yerinde, lirika bilen hereket etmek yerlikli daldir" diýip bellenyär. Lirika durmuş wakalarynyň täsiri bilen liriki gahrymanda emele gelen duygy, pikir beyan edilyar, ol hem gos-göni liriki gahrymanyň öz adyndan aydylyar.Yone liriki gahryman duýgusyny, pikirine ýüze çykaranda, ol şonuň bilen baglanyşykly durmuş wakalary, adamlaryň gapma-garşylykly hereketleri parada oran gysga hem-de koplenc epizodik hasiyetde maglumat beryar.Ol maglumat hem liriki gahrymanyň duýgusy bilen doly maglumatdyr. Liriki gahryman durmuşyň aýry-ayry taraplary barada soz acmak bilen, özüniň şoňa bolan soymek, yigrenmek, guwanmak we ş. m duýgusyny, garayşyny beýanedýär.

Mysal üçin, Magtymgulynyň " Fettah" diýen goşgusynda liriki gahryman Eyrany, Turany gol astyna salan şanyň - Fettahyň turkmen ilini tozduranlygyny,watancy adamlary dardan asdyrandygyny we ş. m. bet işleri aytmak bilen, oňa bolan özüniň yigrenç duýgusyny ýüze çykarýar.

Lirikada esasy mazmun liriki gahrymanyň öz adyndan beýan edyan tipik duýgusydyr. Ol ýerde beýan edilýän duýgynyň doremegine, guyclenmegine sebäp bolýan durmuş wakalarynyň, hadysalarynyň kartinalary epiki eserlýerdäki ýaly giňden suratlandyrylmasa-da, okyjy ony liriki gahrymanyň duýgusy esasynda belli derej ede yzygider suratda goz onune getirip bilyar.Liriki eserlerin yne bir ayratynlygy onda beyleki zanrlardaky yaly birnace gahrymanlaryň däl-de, esasan diňe bir liriki gahrymanyň obrazynyň aýdyňlaşýanlygydyr. Dogry, liriki gahrymanyň iş salyşýan adamlarynyň hem sypaty belli bir derej ede umumy hasiyetde berilyar, emma olar beyleki

zanrlardaky yaly gowy goz onune gelmeyar. Epiki eserlerde gahrymanlaryň portretleri suratlandyrylyan bolsa, liriki eserlerde gahrymanyň duýgusynyň doremegine, guyclenmegine sebap bolýan adamlaryň portreti kabir eserlerde (esasan soygi we satiriki lirikada) berilyan bolaymasa, koplenc ol suratlandyrylmaýar. Poetiki eseriň mazmuny liriki gahryman öz adyndan beyan edensoň, ol öz portreti barada hic yerde soz acmayar. Lirikada epiki ya-da drama eserlyerdaki yaly birnace gahrymanlaryň däl-de, esasan diňe liriki gahrymanyň "sesi eşidilyär". ine şu hili birseslilik hem lirika žanryna has bolan hasiyetlerin biridir.

Lirika degişli bolan aýratynlyklaryň ýne biri onda duýgynyň, pikiriň hemme hlatlarda diýen ýaly sazlaşykly beýan edilyanligidir. Liriki eserler özüniň şu hili hasiýeti bilen saza ýakynlygy üçin olaryň ençemesi saz bilen birlikde aýdylýar. Şol sebäpli gadymy Gretsiýada bu kysymyň adynada ***lira*** diyen saz guralynyň ady goylupdyr.

Lirika kysymynyň ösüş protsesinde onuň birnäçe gömüşleri emele gelipdir.Onuň aýry-aýry sahalara bölüniş printsipi epiki kysymdaky yaly daldir. Epiki eserler esasan durmuşy nähili masştabda suratlandyrýanlygyna, obrazlaryň nahili derejede aýdyňlaşýandygyna, baş gahrymanlaryň sanyna we ş. m. görä gömüşlere bölünyän bolsa, liriki eserleri bu hili esasda gömüşlere bölmek mumkin dal. Sebabi liriki eserlerde kop gahryman bolmayar.

Liriki eserler ozlerinin temasy we beyan edyan ideya-mazmunynyň hasiýeti boýunça gömüşlere bölünyär.

**LALE.** Laleler turkmen ayal-gyzlary tarapyndan doredilen we olaryň aýryaýry taryhy döwürlerde öz durmuşlary, kysmatlary bilen baglylykda yuze cykan duygularyny, arzuwlaryny, pikirlerini beyan edyan liriki eserlerdir.

Laleler liriki kysymyň iň kiçi gömüşlerindendir. Her bir lale köplenç dört,käte alty setirli bir bent şygyrdan ybarat bolýar.

Şol bir bentde gelin ýa-da gyzözüniň belli bir ýagdaý sebäpli dörän duýgusyny, joşgunyny ýüze çykarýar.
**MONJUGATDY.** Esasan ayal-gyzlar tarapyndan doredilyan monjugatdylar *taze* yyl gelende, yaz aylarynda ayal-gyzlar kate oglanlar tarpyndan aydylypdyr.
Monjugatdylar gyzyň ýa-da oglanyň söygüsiniň, maşgala durmuşynyň, ykbalynyň geljekde nähili boljakdygyny sanamak bilen baglylykda doran şahyrana eserdir. Monjuk atyşma üyşyänler orta suwly gap goyup, oňa hersi öz monjugyny atyar...
**HUWDI**. Huwdi hem laleler yaly ayal-gyzlar tarapyndan doredilyan we aydylýan halk döredijiliginin bir gömüşidir. Huwduler caga durmuşy bilen baglanyşykly bolup, ene ýa-da çaganyň aýal dogany kicijik çagany hüwdülände,özüniň oňa bolan soygi, guwanc duygularyny, arzuwlaryny beyan edyar.
**AYDYM.** Aydym lirikanyň iň populýar (meşhur)gömüşlerinden biridir.Liriki eserlerin saz bilen bilelikde aydylyanyna **aydym** diyilyar.
Aýdymlaryňsaz bilen aydylýanlygy bolaymasa, lirikanyň beýleki gömüşlerinden belli-kulli tapawutlanýan özboluşly tarapy ýokdur.Ýöne aýdymlaryň kabir liriki eserlerden möçberi tayyndan tapawutlanyandygyny bellemek gerek. Liriki eserlerin kabiri bir, kabiri on-on bäş bentden, liriki poemalar bolsa ondan-da köp bentden ybarat bolýarlar.Aýdymyň möçberi dört-bäş bent toweregi bolyar.
**ODA.** Oda grek sözi bolup, aýdym diýmegi aňladýar. Gömükli iş eden aýratyn bir taryhy şahsy ýa-da halky, halkyň taryhyndaky şöhratly wakalary dabaraly hasiyetde wasp edyan liriki şygra **oda** diyilyar.
Oňa öňki döwürde kasyda hem diýlipdir. Magtymgulynyň "Türkmeniň", Keminäniň "Orazym" we ş. m. goşgulary odadyr.
**ELEGIYA.** Gynançly, gaygyly goşgulara **elegiya** diyilyar. Magtymgulynyň"Bolarmy", Seydiniň "Hoş indi", "Lebap hoş indi", "Begnazarym" ... goşgulary elegiyadyr.

# III-bap: Drama kysymy.

Edebiýatda durmuşy obrazly suratlandyrmagyň özboluşly bir görnüşi-de **drama** kysymydyr. Dramanyň beýleki kysymlar, ayratyn-da epos kysymy bilen umumy taraplary-da bardyr. Drama-da, epos-da bitewi syuzeti emele getiryan durmuş wakalary suratlandyrylýar, ol kysymyň ikisinde-de gahrymanlaryň hereketleri, gömüşleri görkezilyär. Liriki eserlerindaki yaly drama eserlerindede birseslilik, yagny gahrymanyň öz içki duýgusyny özüniň beýan edýän wagytlary-da bolyar. Ol koplenc drama eserlyerdaki monologlarda şeýledir.**Monolog** grek sozi bolup, turkmencede birseslilik diymekdir. Liriki eser bilen dramadaky personažyň öz içki duygusyny beyan edyan monology bir-birine meňzeşdir.Sular ýaly beýleki kysymlara deň gelýän taraplary bilen birlikde dramanyň olardan belli-kulli tapawutlanyan spetsif?ki ayratynlyklary-da bardyr.
**Drama** sozi grekce bolup, ol **hereket** diýen manyny aňladýar. Ol at dramanyň esasy häsiyetine-de layyk gelyar. Drama eserlerinde epiki eserlyerdaki ýaly gahrymanlaryň göreş protsesleri syuzet hemme halatlarda yzygiderli beyan edilmeyar-de, gahrymanlaryň hasiýetinin ýüze çykmagynda, osmeginde,ozgermeginde aygytlayjy rol oynayan kop hereketli esasy pursatlar saylanyp alynýar hem görkezilyär. Şol sebäpli A. M. Gorkiy "Dramadan edilyan esasy talap:
ol hokman aktual, syuzeti, hereketden doly bolmalydyr" diyip belleyär.Drama eserleri sahnada goyulmak üçin ýazylýar. Şonuň ucin onda durmuş kartinalary epiki eserlýerdäki ýaly giň suratlandyrylmaýar, sebäbi olar ýaly giň kartinany sahnada gorkezmek mumkin daldir. Yone drama sahna serişdelerinden, ýagny artistin, hudožnigiň, kompozitoryň sungatyndan peýdalanmak arkaly durmuş kartinnalaryny epiki eserlere garanda has janly gorkezyar. Epiki eserlerde soz bilen suratlandyrylýan durmuş kartinasynyň,gahrymanlaryň hut özüni okyjy gonuden-goni gormeyar, okyjy ony beyan

etme,suratlandyrma arkaly goz onune getiryar. Drama bolsa sahna serişdeleriniň kömegi bilen durmuş kartinalarynyň we gahrymanlarynyň hut özüni tomaşaça ac-acan gorkezyar. Bu hili gonuden-göni görmeklik eşidip göz önüne getirmäge
has täsirli, has janly bolýar. Şonuň üçin hem drama eserleri sahnada goylanda, ol özüniň täsir edijilik güyjuni has gowy yuze cykaryar.Drama eserlerin beyleki kysymlardan yne bir tapawudy onda awtoryň öz sesinin ýoklugydyr. A. M. Gorkiy dramanyň bu ayratynlygyny oran gowy bellapdir:
"Pesa - drama, komediya - edebiýatyň iň kyn fotmasydyr, kynlygynyň sebabi, awtor gapdaldan aytman her bir hereket edýän gahrymanyň özüni öz sözi, öz işi bilen häsiyetlendirmegi talap edyar. Romanda, powestde awtor tarapyndan suratlandyrylýan adamlar onuň kömegi bilen hereket edýärler, awtor hemişe gahrymanlary bilen bilelikde bolýar, olara nahili düşünmelidigini, olaryň gizlin pikirlerini, şekillendiryän f?guranyň edýän hereketleriniň üsti örtülgi sebaplerini okyjylara beyan edyar, tebigaty we yagdayy suratlandyrmak bilen
olaryň pugta hallaryny anyklaşdyrýar...
Pesa awtora onuň ýaly erkin gatyşmaga yol bermeyär, pesada onuň tomasaçylara düşüňdirmek mümkinçiligi bolmaýar. Pesa gatnaşýanlaryň kimdigi beyan edilmek arkaly dal-de, butinley hem-de diňe olaryň öz sözleri, ýagny sap gepleşik dilleri arkaly aýdyňlaşýar".
Teatr sahnasynda goyulmak ucin yazylyan eserler iki hili topara bolunyar:
**pesa** we **libretto.** Pesa bu drama teatrynda goyulyan eser bolup, onuň dramatik hasiyet bilen birlikde epiki hasiyeti-de guycli bolýar. Şonuň üçin pesalar köplenç proza gömüşünde yazylyarlar. Şygyr formasynda yazylyan librettolar barada beyle diymek bolmaz. Opera teatrynda goyulyan librettoda dramatizm bilen lirizm gatyşýar. Onda dramatizm koplenc halatlarda soz, gepleşik arkaly däl-de, sazlaşykly beýan edilýän duygy
şonuň bilen baglanyşykly bolan hereket arkaly aňladylýar.

Drama eserlermde şöhlelenyän hasiýetler we wakalar dürli-durli bolyar.Kahirinde gynancly, kabirinde gulkuli, kahirinde bolsa oncakly gynancly we gulkuli dal wakalar, hasiyetler gorkezilyar. Gahrymanlaryň, wakalaryň, ine,sular ýaly häsiýetlerine laýyklykda drama eserler üç sany esasy gömüşe bolunyar.

**TRAGEDİYA.** Tragediýa sýužeti gysga wakanyň, tragiki ýazgydyň esasynda gurlan drama eseridir. Şekspiriň "Gamlet", "Otello", turkmen edebiyatyndan"Leyli-Mejnun", "Zohre Tahyr" dramalaryny muňa mysal edip gorkezmek bolar.
Tragediya gadymy Gretsiyada dorapdir. Yone ol wagtda tragediya hut hazirkisi yaly mana hem-de gömüşe eýe bolmandyr. Grekler meydan we uzum hudayy Dionisiň hatyrasyna yylyň belli wagtlarynda geçi öldürip, Aydym aydyp, tans eder ekenler. Şol bayramda aydylýan Aydymlara-da tragediya, yagny grekce rtagos - geci, oda - Aydym diyen sozlerin birikmeginden emele gelip,geci Aydymy diymekdir. Tragediýa soň teatr sahasynda goyulýan drama eserlerinin bir gömüşüne öwrülipdir. Soň kysmaty tragiki bolup gutaryan gahrymanlaryň ýokary derejeli yiti gapma-garşylyklar içinde edyan hereketlerini gorkezyan drama eserlerine tragediya diyip başlapdyrlar.
Tragediýalaryň hemmesinde gynançly waka, tragiki kysmat görkezilyär.Wakanyň, ömrün tragiki bolmagyna gahrymanyň ajayyp hasiyetine we asylly maksadyna ýagdaýyň laýyk gelmezligi netijesinde doreyan konflikt sebap bolyar. Tragediyalarda oran yiti gapma-garşylyk bolup, ol köplenç halatlarda esasy položitel gahrymanlaryň ölmegine sebäp bolýar.

**KOMEDIYA.** Tragediýa ýaly komediýanyň hem gelip çykyşy gadymy grek mifologiýasynyň bir gahrymany - Zewsiň ogly, üzüm hudayy Dionisiň kulty bilen baglanyşyklydyr. Dionis diňe üzümiň däl, ondan edilýän çakyryň hem hudayy hasaplanyar. Ol mydama pyýan, şadyýan, göwnaçyk gezyän garry Silenin elinde terbiyelenyar. Ol Gretsiya gaydyp gelyarka, deniz

galtamanlarynyň eline düşyär. Sonda onuň gämisiniň bogaldagyna çyrmaşyk gül çyrmaşýar, gäminiň yelkeninde bolsa üzümiň asylyşyp duran şahalary peýda bolyar. Deniz galtamanlary ondan gorkup, ozlerini suwa oklayarlar. Dionis yol ugra bimäçe yurtlarda bolýar we duşan adamlaryň hemmesine cakyr yasamagy öwredýär. Şonuň bilen birlikde ol geçinin, öküziň, yolbarsyň sekilinde özüni gorkezmek bilen yerden çakyryň, süydüň, balyň fontanyny çogduryp cykarmak bilen kop oyunlar görkezyär. Soň-soňlar Dionise bagyşlanyp edilýän bayramlardaky Aydymlar, tanslar hem gülküli, şagalaňly hasiýete eýe bolupdyr.Grekçe şatlyk-sagalaňly üyşmeleň diýen menyny aňladýan **komos** diyen soz bilen aydym diyen manyny aňladýan **oda** sözüniň birikmeginden **komediya** termini gelip çykypdyr. Şeýlelikde komediýa *şatlykly üyşmeleňiň aydymy* diýmekdir.Edil tragediýa ýaly, komediýa hem soňky wagtlarda başga hili hasiýete,rnanaj forma eýe-bolup başlaýar, ol dramanyň özboluşly bir görnüşine öwrülyär.Sondan soň komediýa sözi sýužeti gülkünç wakalaryň esasynda gurlan drama eseri diýen manyny aňladýan termine öwrulipdir.

**DRAMA.** Drama sozi edebiyat teoriyasynda iki hili manyda, birinjiden, tutuş kysymyň ady hökmünde, ikinjiden, drama kysymynyň aýratyn bir görnüşi hokmunde ulanylyar. Biz bu yerde ol sozi ikinji manysynda ulanyarys.Dramada gorkezilyan wakalar tragediyadaky yaly yokary derejede gynancly bolmayar. Dogry, dramada-da tragediýadaky ýaly položitel gahrymanyň şowsuzlyga uçraýan, otritsatel gahryman tarapyndan helak edilyan, oldurilyan pursatlary bolyar. Ol tomasacylarda gynanc hem döredýär. Munuň özi dramadada tragiki elementlerin bolýandygyny görkezyär. Ýöne şeýle bolsa-da, dramada gynancly waka dal-de, položitel gahrymanyň yeňşi bilen gutaryan waka birinji orunda duryar.

## IV-bap: Liro-epiki kysym.

Kabir eserlerde liriki hem-de epiki hasiýetin ikisiniň-de deň orun tutup,utgaşyp gelýän wagtlary bolýar. Onuň ýaly eserlerde hem-a bitewi syuzeti emele getiryan konkret wakalar, gahrymanlaryň hereketleri, göreşleri (epiki mazmun) suratlandyrylyar, hem-de şonuň bilen baglylykda gahrymanlarda, galyberse-de,awtorda - liriki gahrymanda döreyän duygular, pikirler (liriki mazmun) giňden beyan edilyar. Awtor epiki eserlerde gürrüňçiniň obrazynda, lirikada gahrymanyň obrazynda özüni görkezse, liro-epiki eserlerde ol ozuni ka yerde gürrüňçiniň, kä ýerde gahrymanyň obrazynda görkezyär. Edil şonuň ýaly, liroepiki eserlyerdaki esasy gahrymanlaryň-da obrazynyň köpüsi özüne mynasyp hasiyete eyedir. Şunun ýaly gatyşyk hasiýet, esasan, balladalarda, poemalarda, dessanlarda,şygyr bilen ýazylan romanlarda bolýar. Şonuň üçin hem olar liro-epiki kysymyň gömüşleri hasaplanýarlar.

**BALLADA.** Ballada liro-epiki kysymyň kiçi görnüşidir. Onda konkret bitewi syuzet bolyar. Emma balladada syuzet, ony düzýän wakanyň içinde hereket edýän personažyň obrazy giňden süratiandyrylmaýar-da, esere liriki gahryman hokmunde gatnaşýan awtoryň belli bir duýgusynyň ýüze çykmagyna sebäp bolýan taraplary barada gysga gürrüň berilyär. Şonuň bilen birlikde, ol waka hem-de gahrymanyň personaža bolan garayşy, duygusy-da lirikadaky yaly gonuden-goni beyan edilyar. Mysal ucin, D.Haldurdynyň "Gaçgak" atly balladasyny alyp gorelin. Onda gaçgagyň düşman okundan gorkup, ilini taşlap gidişi barada az-owlak gürrüň berilmek bilen birlikde, liriki gahrymanyň ol gacgaga bolan yigrenc duygusy-da nygtalyp gorkezilyar. Liriki gahryman gaçgaga şeýle sözler bilen yuzlenyar:

Ölümden gaçsaň-da uzalmaz omrun,
Körügiň sönensoň, körelmez ömrüň.
Sen ony kowmasaň, ol kowar seni,
Sen ony döwmeseň, ol döwer seni.

Lirki gahrymanyň şu hili gönüden-goni oz adyndan beyan edyan duýgusy, pikiri arkaly balladadaky wakanyň, personažyň obrazynyň emotsional mazmuny nygtalyp bellenyär. Şeýlelikde, epiki we liriki beyan etme ozara utgaşýar.

**POEMA**. Liro-epiki hasiýetli eserlerin bir görnüşi-de **poemadyr.**Poemada-da edil balladadaky yaly wakalar, gahrymanlaryň hereketleri hemde liriki gahrymanyň oňa bolan garayşy, duýgusy beýan edilyär. Emma poemada ballada garanda wakalar, gahrymanlar kop bolyar hem-de olar giň suratlandyrylýar. Şonuň üçin poemalaryň möçberi-de balladalaryňkydan uly bolyar.
Liro-epiki kysyma, sozun doly manysynda, liro-epiki poemalar, edil şonuň yaly-da şygyr bilen ýazylan liro-epiki romanlar degişlidir. Bu hili eserlerde wakalaryň içinde hereket edýän personažlaryň-da, gahrymanyň-da obrazy deň derejede diyen ýaly aýdyňlaşýar. Muňa A. Kekilowyň "Söygi" romany, B. Hudaynazarowyň "Gyzgyn sahra", A. Hayydowyň "Suw", "Powrize" poemalary mysal bolup biler. A. Kekilowyň "Soygi" romanynda liriki gahrymanyň duýgusynyň, pikiriniň gönüden-goni ya-da gyytaklayyn beýan edilişi Ogulnabadyň ýa Akmyradyň durmuşynyň, işinin görekzilişinden kem orun tutmaýar.Bu hili esereriň ýne bir özboluşly tarapy olardaky personažlatryň köpüsiniň obrazynyň liro-epiki hasiyete eye bolmaklarydyr. "Söygi"romanyndaky Ogulnabadyň, Akmyradyň we beýleki kabir gahrymanlaryň obrazy olaryň hereketiniň, işinin, gepleşiginiň beýan edilmegi, şonuň bilen deň derejede diýen ýaly içki duygularynyň hem acylyp görkezilmegi arkaly aýdyňlaşdyrylýar. Şonuň netijesinde-de obrazlar liro-epiki obrazlar bolup cykypdyr.

**DESSAN.** Dessan turkmen edebiyatyndaky liro-epiki kysymyň irki döwürlerde dörän görnüşidir. Dessanlar özüniň hasiýeti boyunca poemalara yakyndyr. Olarda-da waka we duygy utgaşdyrylyp alynýar. Ýöne dessanlar hazirki dowurde döredilýän poemalardan, özaly bilen, daşky formasyna görä, ýagny wakanyň gürrüň, kyssa görnüşinde, duýgynyň goşgy formasynda beyan ediyanligi bilen tapam?tlanýar. Dessanlaryň awtorlary suratlandyryan wakalaryna poemalardaky yaly liriki Men hokmunde gatnaşmaýarlar-da, epiki eserlyerdaki yaly hekaýaçynyň obrazynda özlerini gorkezyarler.

Dessanlardaky gahrymanlaryň obrazy olaryň deňräk derejede beyan edilýän duýgusynyň hem-de durmuş ýagdaýynyň, hereketiniň üsti bilen aydyňlaşýar we spetsif?ki hasiyete eye bolyar. Munuň özi dessanlaryň hem şeyle hasiyetde bolmagyny upjun edyar. Munuň şeyledigini "Gorogly"eposynda-da, "Şasenem-Garyp", "Leyli-Mrjnun", "Nejep oglan"... dessanlarynda-da gormek bolyar.

## Netije

Her bir adamyň hasiyeti, ideyasy, onuň işi, hereketi, gepleşigi, oz pikrini,duygusyny ozuniň beyan etmegi, ol hakda başgalaryň gürrüň bermegi arkaly belli bolýar. Onuň bilen baglanyşykly bolan durmuşyň beýleki taraplary-da bizin gormegimiz ya-da ol hakda başga biriniñ gürrüň bermegi arkaly aýdyňlaşýar.Çeper edebiyatda-da adam hasiýeti, ideýasy we durmuşyň beýleki taraplaryýokarda bellänlerimiz ýaly hakykatdaky bolşy ýaly dürli formalarda şöhlelendirilip görkezyär. Bir eserde, mysal üçin, Magtymgulynyň " Bagtym garadyr" diýen goşgusynda gahrymanyň durmuşy, hasiýeti, ideýasy,gahrymanyň durmuşyny özüniň beýan etmegi bilen aýdyňlaşsa, başga bir eserde, mysal üçin, Ata Gowşudowuň "Iň soňky arcyn" powestinde gahrymanyň hasiýeti, ideýasy, durmuşy ol hakda awtoryň gürrüň bermegi, suratlandyrylyp görkezilyän işi, hereketi, kä yerde beyan edilyan duygulary, soz arkaly malim bolyar. Yone bir eserde, mysal ucin, Berdi Kerbebayewiň "Aýgytly ädim"romanynda bolsa gahrymanlaryň durmuşy, hasiýeti, ideýasy olaryň hereketleriniň we gepleşikleriniň üsti bilen belli bnolýar. Çeper edebiýatda adam hasiýetini, durmuşyny, ideýasyny suratlandyrmagyň, ine sular ýaly dürli hili formalaryny alamatlandyrýan zat žanrdyr.Edebiýatyň ösüş protsesinde emele gelen žanrlaryň iň esasylary lirika, epos,drama we liriki-epiki žanrlardyr. Olaryň he her birinin ayry - ayry gömüşleri(mysal üçin, epos žanrynyň hekaýa, powest, roman we ş. m.) bardyr.

"Janr" frantsuz sözi bolup, ol türkmen diliňde hil, gömüş diýen manyny aňladýar. Şeýle bolsa, onda janr diýmek, durmuşy çeper suratlandyrmagyň hiltaydan tapawutlanýan formalarynyň özboluşly bir gömüşi diýmekdir. Kabir halatda ýokarda agzalan žanrlaryň öz içindäki gömüşlerine-de janr diyilyar.

Mysal ucin, hekaya zanry, roman zanry we ş. m. Beyle diyilmegi bir tarapdan nadogry hem daldir. Sebabi epos žanrynyň aýry-aýry gömüşleri bolan hekaýadaky we romandaky durmuşy suratlandyrmagyň formalarynda tapawutlar bar.

Şeýle-de bolsa, žanrlaryň gömüşllerine janr diyilmegi bulaşyklyk döredýär.Şonuň üçin hem biz durmuşy çeper suratlandyrmalar diýip, olary öz içindäki gömüşlerini bolsa görnüş (epos žanrynyň gömüşleri, liriki žanrynyň gömüşleri we ş. m.) diýip atlandyrjakdyrys.Edebi žanr we olaryň aýry-ayry gömüşleri edebiýatyň ösüşiniň belli-belli dowurlerinde emele gelipdirler. Öňki türkmen edebiýatynda esasan lirika hem-de liriki-epiki žanrlar bolupdyr. Halk döredij iliginde epik žanryň hem anekdot,rowaýat, epiki ýaly gömüşleri bolupdyr. Emma ol döwürde epiki žanryň oçerk,hekaýa, nowella, powest, roman ýaly realistik hasiýetli gömüşleri, drama žanry bolmandyr. Olar soňky döwürdäki türkmen edebiýatynda peýda boldy we esasy orun tutýan žanrlara we gömüşlere öwrüldiler.

## Peydalanylan edebiyatlar.


1.Aman Kekilow ”Edebi zanrlar we edebi metod” Aşgabat-1979.

2.Abdyllayew O.”Edebiyat teoriyasynyn esaslary” Aşgabat-1985.

3.Annagurdow M.“Ceper eserler nahili doreyar“ Aşgabat-1989.

4.Boboew T.“Adabiyotşunoslik asoslari“ Toşkent-2002.

5.Allakow Z. „Zahmet we hasiyet“ Aşgabat-1987.